MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

**TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY**

**MAGTYMGULY ADYNDAKY DIL, EDEBIÝAT WE MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY**

# MAGTYMGULY – YLHAM ÇEŞMESI

*Makalalar ýygyndysy*

*Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry*
*Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna*

Aşgabat
“Ylym” neşirýaty
2023

*Agakuwwat ALLABERDIÝEW,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymy*

# ÝAŞLARYŇ TERBIÝELEMEKDE BEÝIK PYRAGYNYŇ GOŞGULARYNYŇ ÄHMIÝETI

Her bir döwletiň kuwwaty onuň diňe bir ykdysady mümkinçilikleri bilen däl eýsem, ösüp gelýän ýaş nesilleri bilen kesgitlenilýär. Bu babatda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda kämil nesilleri kemala getirmekde alnyp barylýan işler dünýä nusgalykdyr. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň barha gülläp ösmeginde, Watanymyzyň şan-şöhratynyň belent derejelere göterilmeginde bagtyýar ýaşlaryň mynasyp paýy bar. Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň türkmen halkyna Täze ýyl gutlagynda «Ýaşlar – biziň geljegimiz. Şu ýyl kabul eden «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda» Kanunymyza laýyklykda, biz ýaş nesilleriň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmäge, olary watançylyk, zähmetsöýerlik, ahlaklylyk, raýat jogapkärçiligi ruhunda terbiýelemäge, ýaşlaryň telekeçilik işlerini goldamaga aýratyn ähmiýet bereris» diýip bellemegi hem 2023-nji ýylda türkmen ýaşlarynyň döwletimiz tarapyndan ähli ugurlarda giň goldawa eýe boljakdygyna berk ynam döredýär.

Ylymly, bilimli, zähmetsöýer, ýokary ahlakly, milli ýörelgeler bilen terbiýelenen, aňly-düşünjeli ogul-gyzy ýetişdirmek her bir ata-enäniň, türkmen jemgyýetiniň esasy maksatlarynyň biridir. Ösüp gelýän ýaş nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemekde terbiýeçilik ähmiýetli, öwüt-nesihat, ahlak häsiýetli şygyrlary bilen çeper edebiýatymyzy baýlaşdyran we ony müdimilik halkyň hyzmatyna goýmagy ussatlyk bilen başaran beýik Pyragynyň döredijiliginiň ähmiýeti örän uludyr. Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň eserleri durmuşyň dürli taraplaryny öz içine alýar. Onuň many-mazmuna baý goşgy setirlerinden ynsan durmuşynda gabat gelýän her bir meseläniň çözgüdini aýdyň tapmak bolýar. Ynsan kalbyna şygyr bossanynyň kämil güldessesinden paý alan türkmen döredijilik älemine ussatlyk bilen ýagşylyk, halallyk nuruny çaýan Magtymguly Pyragy döredijilik dünýäsiniň kämil derejä ýetmegi bilen her bir okyjyda, esasan-da, ýaş nesilleriň ruhy dünýäsine täsir etmekde esasy orny eýelemekligi terbiýeçi şahyr adyna mynasyplygynyň ýene bir aýdyň subutnamasydyr. Döredijilik äleminde öçmejek yzyny goýan şahyr Magtymguly Pyragy özüniň goşgy setirlerinde dürli temalardan ugur alýar. Pyragy çeperçilik başarjaňlygy bilen her bir döreden goşgusynda, her bir täze

kemala gelen ajaýyplyklarynda ululara hormat goýmagy ýaşlary terbiýelemekde adamkärçiligiň iň gowy nusgalarynyň biri hasaplaýar.

“Edebiň ýagşysy ulyny syla.
Ýagşylardan bir nesihat alawer”[1].

– diýen setirlerden hem görnüşi ýaly, dana şahyrymyzyň nakyla öwrülen, öwüt-ündew berýän ajaýyp setirleriniň terbiýeçilik ähmiýeti diýseň ulydyr.

Halkymyzyň buýsanjy we göz guwanjy bolan akyldar şahyrymyzyň döredijiliginde terbiýeçilik ähmiýetli, öwüt-ündew, nesihat beriji şygyrlar az däl. Onuň “11 ýagşy”, “Baş üstüne”, “Bolar sen”, “Zor bolar”, “Ýoluksa”, “Paş eder seni”, “Ýör biläni”, “Baş gerekdir” ýaly goşgularynda mert, arly-namysly, arassa ahlakly bolmak ýaly türkmeniň taryhynda ýyllar boýy ähmiýetini saklap gelýän adam häsiýetleri ündelýär. Magtymguly Pyragy ulyny sylamagy, ululara hormat goýmagy, ýaşlary terbiýelemekde adamkärçiligiň iň gowy häsiýetleriniň biri hasaplapdyr. Türkmen maşgalasynda berk kada öwrülen ýaşlaryň ata-enelerini, ulylary sylamagy kiçä hormat goýmak terbiýesini kemala getirmek ýaly ýörelgeler şahyryň nukdaýnazarynda hem esasy meseleleriň biri bolup durýar. Esasan-da, uly ýaşlylara salam bermek geçmişden geljege ýeten parz kadasy hem şahyryň goşgy setirlerinde öz beýanyny tapýar.

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan syzylyp çykan, ajaýyp dünýä nusgalyk eserleriniň biri hasaplanylýan “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi” atly kitabynda belleýşi ýaly: “Iň gymmatly miras terbiýedir, terbiýäniň özeni bolsa ylym-bilimdir” [2]. Ösüp gelýän ýaş nesilleriň ylymly-bilimli bolmagy, saýlap alan hünärlerinden ussatlyk bilen baş çykarmaklary, esasanda, kämil terbiýe we ýokary ahlak eýesi bolmaklary häzirki döwrüň esasy talaplarynyň biri hasaplanýar. Gündogaryň nusgawy edebiýatyny köp okamagy, köp ýurtlara syýahat etmegi bilen gözýetimini has-da giňelden şahyr Magtymguly ylym öwrenmäge höwesli ynsanlaryň biri bolupdyr. Beýik pyragy özüniň nesihat beriji döredijilik äleminde hem ylym-bilim öwrenmegi, hünär eýesi bolmagy, ony ussatlyk derejesine ýetirmegi nesihat edýär. Ýazylan wagtyndan bäri nijeme ýyllar geçse-de, şol ajaýyp şygyrlar öz terbiýeçilik ähmiýetini ýitirmän saklaýar. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, zybanyndan dür saçan, öňdengörüji Pyragynyň şahyrana dünýäsi müňýyllyklaryň dowamynda kemala gelen türkmen pelsepesine, milletiň kalbyna owaz tarlaryny düzen, halkymyzyň döredijilik äleminiň synmaz sütünine öwrüldi. Şahyryň türkmen ruhy hazynasyna bir şahada gatylyp-garylyp gidendigine güwä geçýän ýene bir subutnamasyna türkmen halkynyň Milli Lideri, Gahryman Arkadagymyzyň ýiti galamyndan dörän “Döwlet guşy” atly türkmen geçmişiniň ussatlyk bilen ýazga geçirlen romanynda berlen çuň manyly tewsirlemesini görkezmek bolar [3].

Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna giren baý we gymmatly edebi mirasyny, şygyrlaryndaky pelsepe älemini, XVIII-XIX asyrlarda türkmen durmuşyna ýeti-

ren uly täsirini täze taryhy döwürde ylmy esasda öwrenmek, onuň döredijiliginiň türkmen halkynyň we tutuş Gündogaryň ylmy-medeni durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşygyny döwrebap sanly tehnologiýalaryň üsti bilen açyp görkezmek, şahyrana dünýäsine halkara ylmy-edebi jemgyýetçiligiň ünsüni çekmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran "Gündogaryň beýik akyldary we nusgawy şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny bellemek hakynda" Kararyň kabul edilmeginiň hem ähmiýeti örän ýokarydyr. Beýik Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyny diňe bir ýurdumyzda ýa-da sebitde däl eýsem, halkara derejesinde giňden bellenilmegi adamzat taryhynda özüniň öçmejek yzyny goýan, şahyrana döredijilik älemi bilen köpleriň ýüreginde baky orun alan beýik akyldaryň sarpasynyň belentden tutylýandygynyň, onuň haýsy döwürdedigine garamazan uly hormata, gadyr-gymmata mynasyp saýylýandygynyň ýene bir aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Ýeri gelende Türki medeniýetiň halkara guramasynyň (TÜRKSOÝ) hemişelik geňeşiniň Türkiýe Respublikasynyň Bursa şäherinde geçirilen mejlisinde oňa gatnaşyjylar tarapyndan Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýyly "Türki dünýäniň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragy ýyly" diýip atlandyrmak şeýle hem, Türkmenistanyň gadymy şäherleriniň biri hasaplanylýan Änew şäherini bolsa "Türki dünýäniň medeni paýtagty" diýip yglan etmek hakynda türkmen jemgyýetçiligi tarapyndan öňe sürlen başlangyçlarynyň biragyzdan goldanylandygyny bellemek gerek [4].

Şeýle hem, ýurdumyzda her ýyl türkmen halkynyň durmuş pelsepesine öwrülen ajaýyp şygyrlary, öňe süren taglymatlary, öwüt-ündewleri we ýörelgeleri bilen bu gün millionlarça adamyň aňyna, ýüregine hem-de duýgularyna örän oňaýly täsir edip, mertligiň, gaýduwsyzlygyň özboluşly şygaryna öwrülen Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni giňden bellenilip geçilýär. Bu gün dünýäniň onlarça döwletlerinde şol sanda ýurdumyzda hem maslahatlar, sergiler we beýleki köpugurly çäreler geçirilýär. Russiýa Federasiýasynyň Stawropol ülkesinde we Astrahan oblastynda, Türkiýe Respublikasynyň Ankara, Özbekistan Respublikasynyň Daşkent we Hywa şäherlerinde şahyryň ýadygärlikleriniň açylmagy beýik Pyragynyň baý edebi mirasynyň ýakyn we alys goňşy halklarda hem uly gyzyklanma döredýändigine şaýatlyk edýär. Her bir setirleri bilen ynsan kalbyna, geljek nesillere gymmatlyk we durmuş ýörelgesi bolup hyzmat edýän Magtymguly Pyragynyň gözel paýtagtymyz Aşgabadyň günorta böleginde medeni-seýilgäh toplumunyň ýerleşdirilmegi hem-de özüniň möçberi we özboluşlylygy bilen göreni haýrana goýýan beýikligi 60 metr bolan akyldar şahyryň heýkeliniň oturdylmagy türkmeniň kalbynda baky orun alan şahyra uly sarpa, hormat goýulýandygynyň alamatydyr.

Häzirki wagtda beýik Pyragynyň goşgularynyň her bir okyjy üçin elýeterli bolmagy üçin eserleriniň dürli dillerde neşir edilýändigini görmek bolýar. Gün-

dogar halklarynyň taryhyny öwreniji alym Bartold: “Türki halklaryň arasynda Magtymhuly ýaly milli şahyrly halk diňe türkmenlerdir” -diýip belläp geçýär. Bu bolsa her bir jemgyýetde bolşy ýaly, türkmen halkynda hem milli we edebi mirasymyza bolan söýginiň nyşany bolmak bilen onuň halk goragynda durandygynyň güwäsidir. Pyragy diňe bir türkmen edebiýatynyň döredijilik älemini baýlaşdyrman eýsem, edebiýat bilen birlikde türkmen diliniň esaslandyryjysydygyny hem dünýä subut edýär. Bu babatda, Gahryman Arkadagymyz şahyryň beýik söz ussady bolandygyna ýokary baha bermek bilen: “Magtymguly Pyragy sözüň güýji, gudraty bilen şygryýet äleminde ady arşa galan beýik akyldar şahyrdyr. Magtymgulynyň şygryýet älemi – türkmen edebiýatynyň buldurap akýan, çuňňur mana we çeper söze teşne kalplary gandyrýan çeşmesi” -diýip belläp geçýär. Diýmek, çeper edebiýat bilen, ýazyjy, şahyrlarymyzyň bize goýan ebedi mirasy bilen geljekki nesilleri ýakyndan tanyş etmek olaryň diňe terbiýesine täsir etmän eýsemde, türkmen diliniň baý hazynasynda ýerleşen söz gorlary bilen hem ýakyndan tanyş bolmaklaryna uly ýardam edýär. Şahyryň keşbi mertligi, batyrlygy, mukaddes Watany, ene topragy wasp eden hyjuwly şahyr, ynsanperwerligi wagyz-nesihat eden ynsan hökmünde halkyň hakydasyna baky ornaşandyr.

Biz – ýaşlar Arkadagly Serdarymyzyň kämil paýhasynyň, durmuşa geçirýän ynsanperwer syýasatynyň netijesinde bu günki gün Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň, ajaýyplyklara beslenen beýik zamananyň eýesi bolduk. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilikli başlangyçlary netijesinde ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi röwşen geljegiň eýeleri bolan biz – ýaşlaryň kämil bilim almagymyza, döredijilik bilen meşgullanmagymyza, irginsiz halal zähmet çekmegimize, berkarar döwletimize ak ýürekden gulluk etmegimize uly mümkinçilikleri döredýär. Hakykat çeşmesi bolup hyzmat edýän, her bir türkmeniň kalbyna çuňňur ornaşan akyldar şahyryň döredijilik dünýäsi, şygryýet bossany kämil jemgyýet döretmäge, ynsanperwerligi, adalatlylygy öňe sürmäge gönükdirilendir. Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň edebi mirasyny düýpli öwrenmek we geljek nesillere öwretmek babatda uly işler alnyp barylýar. Şygyrlarynda eriş-argaç bolup geçýän öwüt-ündewleri bolsa ösüp gelýän her bir ýaş nesle görelde mekdebi bolmak bilen olaryň terbiýeçilik babatdaky ähmiýeti örän uludyr.

## EDEBIÝAT


1. Magtymguly Goşgular. –Aşgabat. “Turan” neşirýaty, 1991.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* “Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi”. –Aşgabat. TDNG. 2020.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* “Döwlet guşy” romany. –Aşgabat. TDNG. 2013.
4. tdh.gov.tm.